# Şöhratly geçmişiñ ýaňy: Attila

Category: Kitapcy,Romanlar,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şöhratly geçmişiñ ýaňy: Attila ŞÖHRATLY GEÇMIŞIÑ ÝAŇY




Taryhy maglumatlara görä, Atilla Rim imperiýasynyň paýtagt şäheri bolan Mediolanumy (Milany) eýeländä, ýeňiş dabarasy bilen ol ýerdäki imperator köşgüne barýar. Haçanda Atilla köşge girende tagtyň üstünde oturan rim imperatorynyň we onuň aýagynyň astynda serilip ýatan öli skifleriň şekili

suratlandyrylan görnüşdäki uly surata gözi düşýär. Şonda ol bu suraty çeken hudožnigi, ýagny suratçyny tapmagy buýurýar we ony özüniň tagtda oturan, rim imperatorlarynyň bolsa öz aýagynyň astyna haltalap altynlaryny döküp duran görnüşdäki suraty çekmek barada perman berýär. Munuň özi Atillanyň harby ýörişleriniň esasy maksatlarynyň biriniň öz watandaşlarynyň mertebesini dikeltmekden ybarat bolandygyny tassyklaýar.

Atillanyň Rimi doly eýelemän bu ýerden gaýdandygy barada taryhy çeşmelerde dürli maglumatlar berilýär. Rim papasynyň kätibi ýagny, mürzesi Prosperiň ýazyp galdyran maglumatlaryna görä, rim papasy öz döwrüniň atly-abraýly rimlileri Awiena we Trigeti bilen bilelikde gunlaryň serdary Atila bilen duşuşyp, gepleşikler geçiripdir. Olar Atilladan bu ýurdy terk edip, Dunaýdan aňryk geçmekligini haýyş edipdirler. Söweşlerde ýesir düşen rimli esgerleriň belli bir mukdarda pul töläp boşadylmagy barada ylalaşypdyr. Atillanyň Rimden yzyna dolanylmagyna onuň geňeşdarlarynyň dünýäni paýtagty hasaplanýan Rimi eýelese, öň bu paýtagty basyp alan gotlaryň hökümdary Alarihiň keç ýazgydy başyna düşjekdigi baradaky maslahatlary sebäp bolupdyr. Sebäbi gotlaryň hökümdary Alarih dünýäniň paýtagty Rimi basyp alandan soň aradan çykypdyr.

Atillanyň Italiýadan gitmeginiň hakyky sebäbi şol wakalaryň gözli şaýady bolan Idasiýniň sene ýazgylarynda ynandyryjylykly beýan edilipdir. Ýagny wizantiýaly imperator Markiana tarapyndan Flawiý Aesiýniň baştutanlygynda iberilen goşun gunlaryň goşmaça güýçleri ýolda düşlän wagtalarynda üstlerine çozup, Atillanyň goşuny bilen olaryň arasyny kesýär. Ikinjiden hem bu ýeriň çygly deňiz howasy goşunyň arasynda öýken keseliniň ýagny, gyrgynçylykly keseliniň döremegine getirýär we goşuna howp salýar. Taryhçylar gunlaryň Italiýadan gitmegine gyrgynçylykly keseliň aýgytlaýjy sebäp bolandygy baradaky pikir bilen doly ylalaşýarlar. Atilla Italiýadan yzyna dolanyp gelýän wagtynda Wizantiýany ýene-de howp astyna salyp aradan çykan imperator Feodesiýniň ähti-peýman eden pajyny tölemeklerini talap edýär. Imperator Markiana gunlaryň serdary bilen ylalaşyga gelmek üçin oňa gymmat bahaly sowgat-serpaýlary iberýär, emma Atilla ondan ýüz döndüripdir. Atillanyň 453-nji ýylda biwagt aradan çykmagy Rim imperiýasyny we onuň töweregindäki ýurtlary hemişelik howpdan dyndyrypdyr.

Atillanyň ölümine onuň burnundan gan gelmegi sebäp bolupdyr. Taryhçylar Iordan we Prisk Atillanyň aradan çykmagynyň

sebäbini we onuň jaýlanyşy barada maglumatlar ýazyp galdyrypdyrlar. Ol maglumatlara görä, Atilla görk-görmekde, gözellikde, deňi-taýy bolmadyk Ildiko atly gyzy aşyk bolýar we oňa öýlenýär. Toý gijesi bu gyzyň gözelliginden aýşy-eşretden humarlanyp, huşy başyndan uçan we güýçden gaçan Atilla daňa golaý çuň uka gidýär. Ol süýji ukuda ýatyrka burnundan gan gelip, bokurdagyna dolýar we dem alyp bilmän bogulýar, şonuň netijesinde hem heläk bolýar.
Atillanyň jesedini giň sähralykda ýerleşen ýüpek çadyryň ortasynda ýerleşdirýärler. Şeýlelikde, günbatarly taryhçylarynyň beýan etmegine görä, olar üçin örän geň hem haýran galdyryjy matam dabarasy başlanýar. Gunlaryň saýlama atly ýigitleri onuň jesedi ýerleşdirilen tabydynyň daşyndan aýlanyp başlaýarlar, şol bir wagtda hem olar Atillanyň gahrymançylygyny, edermenligini, gaýduwsyzlygyny, mertligini wasp edýän agy aýdymlaryny aýdýarlar. Munuň özi türkmen halkynda däp bolan matam dessurlaryny, ýagny agylary ýada salýar. Şol döwrüň taryhçylarynyň ýazmagyna görä, şeýle ahy-perýatlaryndan soňra onuň jesedi ýerleşdirilen tabydy tutuş serkerdeleriniň, wepaly esgerleriniň, il günüň ugratmagynda gadymy gorgana, ýagny görhana-mazarystanlyga alyp gidýärler. Atillanyň jesedini üç gatdan – birinjisi gyzyldan, ikinjisi kümüşden, üçünjisi berk demirden ýasalan tabyda ýerleşdirip, jaýlanan ýerini duşmanlar bilmez ýaly gije, gizlin ýagdaýda depin edipdirler.
Atilla aradan çykandan soň, onuň beýleki aýallaryndan bolan ogullary gunlaryň uly imperiýasyny, ýagny nesişalygyny öz aralarynda bölüşmäge başlapdyrlar. Emma şol döwürde gunlaryň tabynlygynda bolan beýleki halklaryň serdarlary täze hökümdarlara tabyn bolmakdan boýun gaçyrypdyrlar. Gepidleriň hökümdary Ardarih köp sanly german taýpalarynyň gozgalaňyna baştutanlyk edip, 454-nji ýylda gunlara garşy söweşýär we Atilanyň ulagly Elagy (Allagy?!) öldürýär. Atillany kiçi ogly Ernak gunlaryň beýleki bir bölegi bilen Dunaýyň gündogaryna, Wizantiýanyň çäklerine tarap çekilýär we soňra gotlara garşy söweşlere baştutanlyk edýär. Taryhçy Marselliniň sene ýazgylarynda Atillanyň nesilleri baradaky ahyrky maglumatlar 469-njy ýyla gabat gelýär, ýagny ol Atillanyň ogly Dengizikiň (Deňizhan?!) Konstantinopolda wepat bolandygy barada maglumat berýär. Gun taýpalary soňra beýleki çarwa taýpalary bilen goşulyşypdyrlar. Gunlaryň etnonimi VI asyryň taryhçylarynyň

ýazgylarynda uly orun alypdyr we Gara deňziň demirgazyk kenar ýakalarynyň üsti bilen günbatar ýewropanyň üstünden äpet deňiz tolkunlary görnüşinde inen howp hökmünde suratlandyrylypdyr. Taryhçy Iordan Atillanyň häsiýetini we daşky keşpini suratlandyryp onuň ruhubelent, buýsançly başly, namysjaň, gözleri uçganaklap duran örän berk bedenli, öz güýç-gaýratyna göwni ýetýän, dogumly adam bolandygyny nygtaýar. Atillanyň ussat söweşiji, şonuň bilen bir hatarda örän paýhasly, günäsiniň geçilmegini towakga edýän, duşmanlaryny bagyşlap bilýän rehimdar, şeýle hem bir gezek ynamyny ödän adama hemişelik ynanan mert serkerde bolandygy tassyklaýar. Atilla daşky keşpi boýunça orta boýly, döşleri giň, kellesi uly, kiçi gözli, seýrek çal sakgally, ýasy burunly adam bolupdyr.
Taryhçy Prisk 448-nji ýylda gunlaryň arasynda ilçi bolan döwründe Atillany içgin synlandygy we ol hakynda özünde galan täsirler barada ýazypdyr. Onuň ýazmagyna görä, Atilla özüniň beýleki serkerdelerinden sadalygy, ýönekeýligi, sabyr-kanagatlylygy bilen tapawutlanypdyr. Ol ýönekeý, sada egin-eşik geýipdir, ýarag-esbaplaryny altyn bilen bezemändir, dabaralarda myhmanlara, ilçilere altyn-kümüş jamlarda dürli tagamlar hödür edilende hem ol özüniň agaç okarasynda we çemçesinde nahar iýipdir. Priskiň beýan etmegine görä, Atilla gündogaryň çarwa serdarlaryndan tapawutlylykda, dabaralarda özüni Germaniýanyň orta asyr korollary ýaly alyp barypdyr.
Atillanyň 451-nji ýylda Galliýany eýelemegi we 452-nji ýylda Rim papasy bilen duşuşygy katoliki durmuş edebiýatynda uly yz galdyrypdyr. Orta asyra degişli eserlerde Atillany «Hudaýyň gazaby» diýip atlandyrypdyrlar. Olar gunlaryň serdaryna özleriniň Hudaýa wepaly gulluk etmeýändikleri üçin halkyň üstüne iberilen temmi beriji hökmünde garapdyrlar. German eposlarynda Atilla german korollaryndan tapawutlandyrylmaýar we rehimli, adalatly, myhmansöýer, jomart, sahy, şöhratly hökümdar hökmünde häsiýetlendirilýär. «Uly Edda» atly skandinaw aýdymynda we «Nibelunglar hakynda aýdym» atly german gahrymançylykly kyssa eserinde hem Atilla şonuň ýaly suratlandyrylýar. 1200-nji ýylda wenger korollygyndaky köşk mürzesi Anonimus «Gesta Hungarorum» («Wengerleriň işleri») atly eserinde madýar korollarynyň we dworýanlarynyň gelip çykyşy barada ýazypdyr. Ol bu taryhy eserinde wenger dworýanlarynyň gahrymançylykly taryhyny Atilla bilen baglanyşdyrypdyr we ony wenger korollygynyň nesilbaşysy

hasaplapdyr. Anonimusyň yzyny dowam etdiriji Şimon Kezaýy Atillanyň edebi çeper keşbini 1283-nji ýylda ýazan «Wengerleriň taryhy» atly eserinde özboluşly suratlandyrypdyr. Şonuň üçin Atillanyň ady Wengriýada häzirki wagta çenli uly meşhurlyga eýedir. Çünki gunlaryň serdary Atilla öz döwründe Rim imperiýasynyň zulumyndan horlanýan ýerli halkyýetleri öz döwletiniň golastyna alypdyr. Geçirimli, adalatly häsiýeti bilen tanalan Atilla olaryň hormatyna mynasyp bolupdyr. Häzirki wagtda Wengriýanyň paýtagty Budapeştiň gözel künjegindäki seýilgähde Atillanyň ýadygärligi ýerleşýär. Wengerler oňa öz hökümdary hem-de howandary hökmünde sarpa goýýarlar.
Şu ýerde bir zada ünsi çekmek mümkin, ýagny XIX asyrda Orta Aziýa syýahat eden Arminiý Wamberi hem gadymy gunlar bilen wenger halkynyň umumylygyna degişli maglumatlary toplamak we öwrenmek maksadyndan ugur alypdyr. Gelip çykyşy boýunça madýar (majar) bolan akademik A.Wamberi şol gadymy halk döredijilik eserleri bilen içgin tanşyp, gunlaryň, türkmenleriň we wengerleriň taryhy umumylyklaryny aýdyňlaşdyrmagy maksat edinipdir.
«Görogly» eposyndaky Hüňkaryň çeper keşbi hem iňlis dilindäki Hungari diýilýän Wengriýanyň assimilleşen görnüşi bolup, bu esere ornaşan bolmagynyň mümkindigi baradaky pikiri tassyklap, Göroglynyň çeper keşbinde Atilla bilen baglanyşykly umumylyklaryň, çeper ýordumlardaky käbir özara baglanyşyklaryň bardygyna ünsi çekmek isleýäris. Sebäbi «Görogly» eposynyň döreýşi öz gözbaşlaryny irki döwürlerden alyp gaýdýar. Şonuň üçin bu umumylyklaryň taryhy kanunalaýyklykdygyny hem inkär etmek bolmaz.
Atillanyň çeper keşbi bilen baglanyşykly maglumatlar ýewropa edebiýatynyň görnükli wekili Danteniň 1321-nji ýylda ýazan «Hudawy komediýa» atly eserinde hem duş gelýär. Atilla hakynda Ýewgeniý Zamýatin «Hudaýyň melamaty» (1935 ý), Adži Murad «Ýewropa, türkler, beýik sähra» (1998 ý), Edward Hatton «Atilla, Gunlaryň serdary», Uilýam Neýpir «Atilla» (2008 ý) romanlaryny ýazypdyrlar. Umuman, gunlar we olaryň şöhratly serdary Atilla Gündogar we Günbatar halklarynyň taryhynda we edebiýatynda özboluşly orun alypdyr.
Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet guşy» atly taryhy ähmiýetli romanynda: «Biziň pederlerimiz dünýäde tanalyp başlanan ilkinji günlerinden başlap, şol döwrüň ähli ynsanlaryny bir

hakykat – bu halkda jemagatyň adalatly gurlandygy haýran galdyrypdyr. Ýunanly we rimli taryhçylar türkmenleriň rehimdarlygy, wepadarlygy, dostanalygy, ogry-kezzaplary ýigrenendigi hakynda ýazýar, olaryň ata-enä sarpa goýýandygyny we aýal-gyzlarynyň edep-ekramlylygyny wasp edýär» diýip, buýsanç bilen belleýär. Bu hakykaty ýokarda mysal getirilen edebi-taryhy çeşmeler hem ýene bir ýola doly tassyklaýar.

Myrat TUWAKOW,

filologiýa ylymlarynyň kandidaty. Taryhy şahslar